# Otuz ýediniň pidalary

**(Stalinçilik gyrgynçylygynyň pydalary hakda)**

## استالین چیلیک غیرغینچیلیغی نینگ پیدالاری حاقیندا



قولایدا اورسیت ده گچیریلن پیکیر سورالشیق- ده دونیأ بللی دیکتاتور استالین اوچونجی حالانیان آدم بولوپ چیقدی. بو مگرم پوتین ینگ اورسیتینده شئیله ایسلنیأندیر.

توتالیتر رژیم ینگ دوییونی توتان یوزوف استالین ینگ غیرغینچیلیغیندا هنیزه چنلی بوتین ساویت سایوزوندا نأچه میلیون آدامینگ یوق ادیلندیگی آنیقلاشمان گلیأر.

بأری- یوغی نأچه میلیونلیق تورکمنیستاندا استالین ینگ ۳۷- نجی یئلداقی رپره سیاسیندا یوزمونگدن قاوراق آدامینگ گیتسه گلمز یولا ایبریلندیگی چاق ادیلیأر. شول الهنچ دورده تورکمنیستانینگ یوقاری درجه لی دولت یولباشچیلاری غایغیسیز آتابایف، ندیربای آیتاکوف، حالمئرات صأحتمئرادوف... داغی یوق ادیلدیلر. اؤلوم ماشینی دینگه اولار بیلن چأکلنمأن، حتی اولار بیلن بیله ایشلشن آداملاری- دا اؤز دمینه سواردی.

نه مردانا ییگیتلریمیز استالین ینگ کونست لاگرلرینده، سیبرینگ توقایلاریندا ساویقدان بویوپ اؤلدولر. برژنف ینگ "دورغونلیق" یئللاریندا- دا، "کامونیسیم بارها قولایلاپ گلیأر..." دییپ، حالقینگ آنگینی، پأهیم- پایخاسینی، مرتبه سینی یره اوردولار. شوندا- دا جلادلار، آنناسلطان ککیل اوالاری، پایزی اورازوف یالی لاری دألی حانادا یوق اتدیلر، یا- دا قوربان ناظار یالی لارینگ یوغونا یاندیلار.

غاراشسیزلیق یئللاریندا تورکمنیستاندا حکم سوریأن دیکتاتورلیق دوزگون- ده، شول شوم هم غارا یئللارینگ میراثی بولوپ، تورکمن حالقی نینگ بوینونا سیرتماق سالیپ گلیأر.

"گچمیشینی بیلمه دیک، اونی غایتالاماغا مجبوردیر" دیین دانا سوز، پأهیم بار. شونگا گؤرأ یاقین گچمیش تاریخیمیزدا بولوپ گچن بو غانلی هم تراژیک صاحیپانی اونس بریپ اوقارسینگیز دیین تامامیز بار.

آشاقدا حؤدورلنن ماقالادا، ادیلن جنایتلاری گؤزی بیلن گؤرن و آجال پنجه سیندن زوردان سیپان بیریسی نینگ گؤررینگه شایات بولوپ بیلرسینگیز.

آقمیرات گورگنلی

***********************************************

"... ۱۹۳۸ - نجی یئلیئنگ فورال آیی نینگ باشلانماغی بیلن آداملارینگ حاوصیلاسی حاص- دا آرتیپ اوغرادی. هر کیم گیجه یاریمیندان سونگقی "چیقینگ" دیلیپ بریلیأن بویروقدا اؤز آدی نینگ توتولاریندان قورقیاردی. چونکی ایندی أکیدیلیأن آداملارینگ آتووا گیدیأندیکلرینی، اولارینگ غایدیپ گلمجدیکلرینی بیز بیلیأردیک. فورال آیی نینگ ۲۱ - یندن ۲۲ - سینه گچیلیأن گیجه برکلی پؤرلیف، تاغان دولت اوف، ساری سیدوف، اسن حانگلدیف... جمعی ۱۲-۱۰ آدامینگ آدینی، فامیلیاسینی چاغیریپ، "چیقینگ" دییلیپ بویروق بریلدی. شوندان سونگرا "گپلشملی دأل" دیین ایکینجی بویروق بریلیأردی.

شارقیلداپ یاپیلان دمیر غاپی نینگ آنگیرسینا چیقاریلیان آداملار بیلن نأمه لرینگ بولوپ گچیأندیگینی سونگ آپریل آیئندا اؤزومی گیجه ساغات بیرلرده باشغا بیرنأچه آدم بیلن أکیدیلنلریندە بیلیپ غالدیم. غاپی نینگ آنگیرسینا گچن بادینگا الینگی آرقانگا باغلایارلار، أنگینگدن و بورنونگدان توتوپ، آغزینی آچیارلار- دا، آغزینگا دیقی دیقیارلار، اول دیقی چیقماز یالی اره زین دانگی بیلن یئنگسأنگدن دانگیارلار.

شوندان سونگ غارا حالتانی دپأنگدن آشاقلیغینا گه یدیریأرلر- ده، حالتانینگ داشیندان، بیلینگدن مأکأم دانگیارلار. سونگ یوک ماشینینگ یانینا التیپ، هر غاپدالینگدان بیرایکی آدم توتوپ، ماشینینگ اؤستؤنه اوقلاپ قوییریأرلر.

ماشین "داش حوضدان"، تاغتا گیدیأن یولونگ اپ-اسلی بؤله گینی گچن سونگ، قوم ایچینه ساویلیپ، ۱۵-۱۰ کیلومتر آرالیقداقی یؤریته ساقلاولی یره یتنده،الی یاراغلی آداملار "گنأکأرلری" دؤشوریأرلر. اینی ۴-۳ متر، بویی ۱۰-۶ متر، چونگلیغی ۴-۳ متر چوقورونگ غیراسینا بیرینی گتیریپ، حالتانی باشیندان، دیقینی آغزیندان آیئریارلار. شوندا "ان ک و د" (سونگراقی ک گ ب.- آگ) ایشگأرلریندن بیری سکره تارینگ الیندن شول "گنأکأرینگ ایشینی" (پرونده سینی) آلیپ، فامیلیاسینی و آدینی اوقاپ، نیرده و حاچان دوغلاندیغینی، نأمه ایشده ایشلأنینی و بویروغی اوقاپ، "آتینگ" دییأر ولین، جلادلار آتیپ قوییریأرلر. اؤنگوندأکی هر بیر آدام آتیلاندا، تفنگ سسی ایزداقیلارا- دا اشدیلیأردی..."

(شول اؤلوم چوقورینگ غیراسیندان غایدان، مأتی قارلیف ینگ یاتلاماسیندان)

**********************

Ol ata mährini görmän ulaldy. Şonuñ üçin bolsa gerek, özüni bilenden ejesinden ilki soran zady kakasynyñ niredeligi boldy. Özem bir gezek däl, köp sorady. Her gezegem ejesinden «Oglum, kakañam

bir ýerlerde diri bolsa bardyr, nesibesinde bolsa geler. Bu bolýan ýagdaýlara akyl ýetirer ýaly boldumy? Sen-ä çaga, ululaľam akyl ýetirip baranok bu bolýan zatlara» diýen sözleri eşiderdi. Ol öz kakasy Berkeli Pürliýewiñ 1937-nji ýylda halk duşmany diýlip günä ýüklenip, tussag edilendigini soñ-soñlar eşidip galdy. Kakasynyñ şol gidişi-gidişi bolupdy.

«Könesi bolmadygyñ täzesi bolmaz» diýýärler. Biziň ata-baba gelýän däp-dessurlarymyza gatnaşygymyz nähilikä? Täze däp-dessur diýýänlerimiziñ badalgasy şolardanmyka?

1929—1934-nji ýyllarda, ýagny kolhoz gurluşygy ýyllarynda halkyñ geçmişine, ruhy medeniýetine, taryhyna bagly köklerine palta urmaklyk täzeden möwç alyp ugrady. Özi hem bu ýagdaý synpy göreş baýdagy astynda bolup geçdi. Şol döwürde synpy duşmana garşy ýigrenç adamlaryñ añynda şeýle bir ösdürildi, hatda duşman ýok wagtynda-da adamlar ony tosladylar, ýogam bolsa döretdiler. Bu bolsa halkyñ täze hökümetden närazy böleginiñ ele ýarag alyp, oña garşy göreş alyp barmagyna getirdi. Ýene-de ganly çaknyşyklar, bosgunçylyk, ýene-de serhetden añry geçmeklik başlandy.

Otuz ýedinji we ellinji ýyllaryñ repressiýalary täze dünýäni köne döwür bilen, nesli nesil bilen baglanyşdyrýan halk hakydasynyñ — halkyñ tutuş müñýyllyklarya dowamynda toplan we üstüni dolduryp duran ruhy baýlyklarynyñ zynjyryny halys gowşatdy. Adamlar öz nebereleriniñ, tire-taýpalarynyñ şejeresini ýöretmekden-ä geçen, gaýtam türmä salynmak, sürgün edilmek, synpy duşman hökmünde düýbünden ýok edilmek howpy astynda birek-birek bilen dogan-garyndaşlygyny gizlemäge mejbur boldular.

Partiýanyñ XX gurultaýynyñ stalinizme uran zarbasy hem şeýle syýasaty düýbünden ýok edip bilmedi. Sowet Soýuzynda ýaşaýan halklaryñ we halkyýetleriñ milli köklerine daýanyp, öz medeniýetini ösdürmegine böwet bolundy. Her bir halkyñ we halkyýetiñ, milli medeniýetini, dilini ösdurmäge derek, gaýtam köpmilletli sowet halkyndan düýni bolmadyk bir bitewi halk ýasajak boldular. Adamlary

öz neberesi, tiresi, urugy, halky hakda gürrüñ etmäge goýmadylar. Gürrüñ etmäge synanyşany milletçilikde, tireparazlykda, tarapgöýlüklikde aýypladylar. Her bir adamyñ öz halkynyñ taryhyny, milli medeniýetiniñ köklerini jan-dil bolup öwrenjek bolmasy geljegi ýok pişe hasaplandy. Hatda beýleki milletleriñ we halklaryñ wekilleriniñ arasynda öz diliñde gepleşmegem medeniýetsizlik hökmünde görüldi. Her bir halkyñ milli özboluşlylygyny açyp görkezýän ylmy barlaglara garanda «sowet halky» diýen täze bir jemgyýetçilik toparyñ dörändigi hakyndaky kitaplar, monografiýalar köp ýazylyp başlandy. Metbugat, radio we telewideniýe diñe şol düşünjäni propagandirlemäge mobilizlendi, gönükdirildi. Millilik, milli medeniýet diýen düşunjelere «sowet halky» diýen duşunjä ters gelýän zat hökmünde garaldy. Dünýä halklarynyn dilleriliñ birnäçe dile birikjekdigi, SSSR-de ýaşaýan halklaryñ we halkyýetleriñ dilleriniñ ýakyn döwürde ýakynlaşyp bir dile — rus diline birikjekdigi hakynda akyl satanlaram boldy. Hawa, biz-den— Sowet Soýuzynyñ ilatyndan düýnüni unudan (ertiri-de ýok diýip düşünäýiñ) mankurt ýasamaklyga synanyşyk edildi.

****

Kollektiwizasiýanyñ geçirilip başlanmagy, dänelik ekine derek, gowaça ekmeklige daýhany razylygyny almazdan mejbur etjek bolmak, boýun bolmadygy jezalandyrmak, ine, bir tanap ýerine ata-baba ak ekin ekip gelen türkmen daýhanyny oda salan zatlaryň bir bölegi.

Kolhoza girmekden boýun gaçyranlara 1932—1933-nji ýyllarda arryklan meýdandan ýer bölüp berýärler. Şol ýere göçmäge mejbur bolan, şol ýerden öý dikinen adamlary ýaňsylap, «pylany ak öýli boldy» diýer ekenler. Kolhoza girmekden boýun gaçyran şol adamlar ol ýere ne gowaça, ne-de ak ekin ekip bilipdirler. Sebäbi ol ýerler ekine ýaramsyz ekeni. Emma muña garamazdan olara hokmany pagta planyny salypdyrlar. Ýylyñ ahyrynda bolsa, «hasyl almadyňyz»

diýip, sud jogapkärçiligine çekipdirler. Bu ýagdaýdan gözi gorkan adamlar kolhozlara köpçülikleýin girmäge mejbur bolupdyrlar.

1933-nji ýylyñ ýazynda birentek ýerlerde daýhanlar pagtadan hasyl alyp boljakdygyna ynanman, gowaça çigidini suwda gaýnadyp, bugdaý bilen garyp ekipdirler. Gowaça gögermän, bugdaý gögeripdir. Aprel aýynda ekini sökdürip, gaýtadan gowaça ekdiripdirler. Şol ýyl ne pagta bolupdyr, ne-de däne.

Ýekebara hojalyklar şol ýyl däne ekipdirler, gowy hasylam alypdyrlar. Emma olara alan hasylynyñ hözirini görmeklige mümkinçilik bermändirler. Olaryñ däne harmanlaryny ellerinden alyp, bir ýerräge üýşürip sakçy goýupdyrlar. Halys ugruny ýitiren harman eýeleri ol däne harmanlaryny otlapdyrlar-da, galtamançylyga çykypdyrlar.

Mundan başga-da, şol döwürler-de gönüden göni halkyñ gözüniň oduny almaga gönükdirilen kanunlar hem bar ekeni. Mysal üçin, hoşa çöpläni üçin adamlary sosialistik emlägi ogurlan hökmünde sud jogapkärçiligine çekipdirler. Arpasy-bugdaýy orlan meýdandan hoşany çagalar çöpläpdirler, şonuñ üçin olaryñ ene-atalaryny sud jogapkärçiligine çekipdirler, görelde sud edibem, iki-üç ýyl iş kesipdirler.

Ýekebara hojalyklary kolhozlara çekmekde meýletinlik prinisipiniñ gödek bozulmasy münlerçe daýhan hojalyklarynyň sütemden gaçyp gum içine çekilmegine ýa-da serhetden aňry aşmagyna getiripdir.

Aýry-aýry neşirlerde çap edilen maglumatlara görä, 1931-nji ýylyn ýazyna çenli Garagumda mesgen tutan basmaçylaryñ sany 30 müñ atla ýetipdir. Eger-de her bir atlynyň maşgalasynyň ortaça bäş adamdygyny nazarda tutsaň stalinçilik režim bilen ylalaşmadyklaryñ sany 150 müňe golaýlaýar duruberýär. Bir million ilatly respublika üçin bu ýagdaýyñ täze durmuşyň ilerlemegine nähili «aýakbagy» bolandygyny göz öñüne getirmek kyn bolmasa gerek. Elbetde, şeýle ýagdaýyň ýüze çykmagyna belli bir derejede daşky antisowet güýçleriñ-de täsiriniñ bolandygyny inkär edip bolmaz, ýöne kolhoz

gurluşygyny penalanylyp, halk başyna salynan sütemler hem ýagdaýýň ýitileşmegine elten sebäpleriň biridir.

Çünki Türkmenistanda basmaçylyk hereketiniň esasy güýçleri baryp 1924—1925-nji ýyllarda derbi-dagyn edilipdir. 1929-njy ýylda Türkmenistanyň territoriýasynda ownukly-irili bandalar-da bary-ýogy 274 basmaçy bar ekeni. 274 adam nire, 30.000 adam nire?!

Elbetde, döwrüň taryhyny ýazmak, ol ýa beýleki wakanyň ýüze çykmagynyň sebäplerini yzarlamak taryhçylaryn işi. Syýasy durmuşda bir ýagdaýyň beýleki bir ýagdaýa öz ornuny berip durmagynyň, onuň sebäplerini yzarlamak-da wagtyň çäkliliginiň döwrün wakalaryna öz wagtynda tiz we obýektiw baha bermäge mümkinçilik döretmeýän bolmagy-da mümkin. ýöne aç-açanlygyň hem-de demokratiýanyň ösmegi köp zatlaryň üstüni açdy. Görlüp oturylsa, her döwürde-de döwrüň wakalaryna obýektiw baha bermegi başaran we öz pikirini gypynçsyz aýdan adamlar bolan ekeni.

Bu ýerde meniň Türküstan halk komissarlary Sowetiniň başlygy, Türkmenistanyň Mekezi İjraýie Komitetiniň prezidiumynya çleni, Türküstan KP MK-nyň sekretariýatynyň çleni G. S. Atabaýewin TürkMIK-iň 1922-nji ýylyň 18-nji iýulynda Daşkentde bolan 4-nji plenumynyň 5-nji mejlisin-de eden dokladynyň stenografik ýazgysyndan bir parçany mysal getiresim gelýär (Doklad tutuşlygyna basmaçylyk hereketini analizlemeklige bagyşlanylypdyr):

> «Ýoldaşlar, basmaçylyk biziň Türküstandaky, ähtimal, hatda Gündogardaky bütin işimiziň diýseň uly kösti bolup durýar. Basmaçylygyň 4 ýylyň dowamynda ýok edilmekden-ä geçen, gaýtam, Ferganada güýjäp, beýleki oblastlare geçmegi we tutuş Samarkant oblastyny, Surhanderýa hem-de Türkmen oblastlarynyň, bir bölegini gurşap almagy eýsem «näme bilen düşündirilýär? Bu biziň 4 ýylyň dowamynda geçiren ähli işimiziň bu ýerdäki ýerli ilatyň asyrlar boýy kemala gelen durmuşynyň gurluşyna, ýaşaýşyna, däp-dessurlaryna

doly gapma-garşy bolandygy bilen düşündirilýär. Ýagdaýdan ugur almaga başarnygymyzya ýokdugy, biziň umumy keselimiz bolup durýar: ol ýa-da başga derejede ýolbaşçy rolda bolmaly bolan ýanaşyk ýurtlarymyzda bizi agyr kynçylyklara duçar etdi...

Eýsem ol ýerde biziñ syýasy işimiz nähili tertipde alnyp baryldy. Biziñ «Ýok bolsun köne dünýe, ýok bolsun buržuaziýa» diýen şygarymyz takmynan şeýleräk görnüş-de amala aşyryldy. Biz köne dünýä diýip ähli metjitlere, medreselere düşündik, olary ýapdyk. Kazylar, ulamalar tussag edildi, dini urp-adatlara garşy göreşmek Margelandaky musulmanlar üçin mukaddes bolan Gurhanyñ Sowet häkimiýetiniý wekilleri tarapyndan ýakylmagynda ýüze çykdy, Andijandaky «Jamy» metjidi musulman otrýadlarynyñ kazarmalaryna öwrüldi, olar ol ýerde beçebazlyga ýüz urdular. Biziň otrýadlarymyz metjitlere çozup, namaz okaýan işanlaryñ, ulamalaryn üstüne çozup, bombalar taşladylar. Netijede, ulamalaryñ we işanlaryň bary basmaçylaryň tarapyna geçdi. Biz ýerli baýlara Ýewropa buržuaziýasy ýaly garaýardyk. Olary türmä salyp, belli bir töleg tölänlerinden soñra boşadyp goýberýäris...»

***************

Şol günem — 1937-nji ýylyñ 9-njy sentýabry güni. Berkeli ak jalbar ak kitel, ak papak, ak köwüş geýip, ak guw ýaly bolup işe gitdi. İki sagat geçip-geçmänkä-de, ýük maşyny bilen yzyna gaýdyp geldi. Gele-gelmäge-de, «ýene gapdalyndan jaý gurduraýsak» diýlip, aýalyp ýörlen kerpiji. şofýor ikisi maşyna ýükläp ugradylar. Aýnanyñ «Egin-başyñy bir çalşyryň ahyryn, garagäz bolar» diýen sözlerine Berkeli «Seniñ ýadyña egin-eşik düşýär, Gypjakdaky skladlarymyzy suw aljak bolýarmyş, şonuñ üçin gerek» diýip, jogap beripdi. Şeýdibem howlukmaç gitdi. Şol gidişi-gidişi boldy. Asyl suwam

joşman ekeni, ol ýere Berkelini başga maksat bilen-tussag etmek üçin çagyran ekenler. Adamsynyñ tussag edilenini eşidenden Aýna Berkeliniñ tabşyryşy ýaly oba — Tejene habar ýetirdi. Ýzyndan gelen Aşyr bilenem Tejene gaýtdy. Ol Berkeliniñ deñ-duşlaryndan, obadaşlaryndan Baba ýuwaşyň, Gündogdy Çüýjügiň, Şyhmyrat Hojakganyñ, Ata Amanyñ, Emin Gezeriň, Täşe Orazgeldiniň, Çerkeziñ tutulanyny eşidip galdy.

Berkeliden welin köp ýyllar habar düşmedi. Haýsy ýyldygy-ha ýadynda däl, öz-ä Stalin öleninden birnäçe ýyl soñdy, Berkeliniñ inisi Bäşimi raýona çagyryp «Agaň Berkeli Pürliýew türmede ýürek agyry keselinden ýogalypdyr» diýdiler. Şonda patasyny aldylar. Hakykatda näme bolanyny bilmän galdylar. Diñe Berkeliniň tussag edilen döwründen elli ýyl töweregi wagt geçensoñ, şol pajygaly döwrüñ wakalarynyñ kelebiniň ugry gaýtadan çözlenip ugralansoň, kiçi ogly Marks kakasynyñ ykbalyny idäp ugransoň belli boldy.

Oña Daşhowzda, Kalinin raýona ilkinji gezek gitmek 1987-nji ýylda başartdy. İne, şol gezegem oña Mäti agany, kakasy Berkeli Pürliýew bilen bir kamerada bolan adamyny tapmaga kömek etdiler. Mäti aganyñ berei gürruni bolsa, kakasy Berkeli Pürliýewiň ömrüniñ iň, soñky günlerini bilmäge ýardam etdi. Berkeli Pürliýew türmede ýürek agyrydan ölmän ekeni. Ony... atan ekenler.

Şu ýazgylary ýazyp otyrkam, Mäti aganyñ ýatlamalaryndan ugur alyp Berkeli Pürliýewiñ ömrüniň iñ soňky günlerini suratlaydymaga-da synanyşdym. Soñam ony bolşy-bolşy ýaly başarmajagyma göz ýetirdim-de, ol ýagdaýlary öz gözi bilen gören Mäti Garlyýewiñ gürrüñini sözme-söz diýen ýaly getirmegi makul bildim.

— Berkeli Pürliýewin Kalinin raýispolkomynyñ başlygy bolup işlän döwürleri men Daşhowuz OKRONO-synyñ müdiri bolup işleýärdim. Şonuñ üçinem raýonyñ halk magaryfy bilen baglanyşykly meselelerini Berkeli Pürliýew bilen bilelikde çözerdik, Aslynda şol wagtlar ispolkomlaryñ roly gaty güýçlüdi. Berkeli Pürliýew edenli, gepi-sözi ýerlikli, şol wagtyñ özünde-de sadadan sypaýy geýinýän

görmegeý, uzyn boýly agajet, garaýagyzrak, gözleri gara, ýiti owadan, gür gaşlak, degişgeñ ýigitdi. İkimiziň gepimiz-sözümiz alşyp gidýärdi, mesele çözüşi hem ýerliklidi. İñ çetki raýon bolan Köneürgenç raýonynyň magaryf meselelerini çözmegem men elmydama öz üstüme alardym, Köneürgenje bolsa Kaliniñ üstünden gitmelidi. Ana, şol gezeklerem men Pürliýewlere sowlup salamlaşyp giderdim. Ol menden dört ýaş uludy, ol-a 1905-nji ýyl-da, menem 1909-njy ýylda doglandym. Umuman, men ol adamy gowy tanaýardym. Ol iş başarjañ, düşünjeli, guramaçy ýolbaşçylaryñ biridi. Ony diñe men däl, Daşhowuz etrapynda başga-da köp adamlar gowy tanaýardylar.

Ykbal ikimize iñ ajy günlerimizi bir ýerde, ýagny Daşhowuz okrug NKVD-synyñ tussag kamerasynda geçirmeli etdi. 1938-nji ýylyñ 18-nji ýanwarynda meni tussag edip getirip, şol çaklañrak, umumy meýdany 20—25 kwadrat metrden uly bolmadyk kamera dykanlarynda, onuñ içinde 40 golaý adam bar ekeni. Olaryñ çugutdyryp oturany haýsy, beýleki birine irkilmek üçin maý berip, aýak üstünde durany haýsy, gözgülbanlyk. Olaryñ içinde öñden tanaýanlarymam bar ekeni, Berkeli Pürliýewem şolaryñ biri. Kamera salan batlaryna, Berkeli dagy: «Hä, Mäti, gel bakaly, biz saña köpden bäri garaşyp otyrys, entek sen-den başga-da gelmeli adamlar kän, olar hem gelerler, siziñ baryñyz, duşmanlar, döwleti agdarjak bolup ýörsuñiz siz o taýda» diýip ýüzlendiler. Meñ olaryñ degşipmi ýa çyñdan aýdýandyklaryna-da birbada akyl ýetirip bilmän, gaharym gelýärmi ýa-da degişmedir diýip ýylgyrjak bolýanmy, garasaý, özümi TUTUP bilmän başagaý bolup durun. Özümem «Men hiç hili günä edemok, döwleti hem agdarjak bolamok» diýýän. Olar bolsa «Seniñ günän gaty kändir, seniñ dil-duwşuklere gatnaşyp, döwleti agdarmak baradaky alyp baryan işleriñ bize belli, olary ýaşyrjak bolup azara galyp durma, rast, seni şu ýerik alyp geldilermi, indi gutardy, günäñi boýunjygyňa alaýgyn» diýşip, gaýtam has-da gönüläp ugradylar.

Öz ýagdaýymyň agyrdygyna bu oturanlaryň günäsiz hallaryna bu ýerde saklanýandygyny bilemsoň has-da göz ýetirdim. Pürliýew dagynyň bu ajy degişmesiniň ýerliklidigine, olaryň şeýtmek bilen meni turuwbaşdan ýagdaýlar bilen tanyş edýäňdiklerine soň doly düşündim. Meni sorag etmäge sülçüleriň ýanyna alyp gidenlerinden soň, olaryň «namaz okalýan ýer» diýen jaýynda bolanymdan soň jeza usullaryny öz tenimde «barlap» görenimden soň, ol sözleriň manysyna aňry ýany bilen düşündim.

Hernäme-de bolsa, Berkeli Pürliýew ruhdan düşmezdi. «Bize nähili günä ýükleselerem, on ýyldan kän iş kesmezler, ony hem geçireris. Bizi edil ataýmazlar, biz entek ýaş ahyryn, biz entek ýurdumyza köp peýda getirip biljek adamlar» diýip özüne-de, töweregindäkilere-de göwünlik bererdi. Meni kamera salan döwürleri Berkeliniň we onuň ýoldaşlarynyň bu kamerada oturanlaryna, jeza baryny çekip ýörenlerine eýýäm 4—5 aý bolan ekeni. Hemmesiniňem endam-jany dilim-dilim, el-aýaklary, ýüzleri çişdi. Şonda-da Berkeli Pürliýew degişjek bolardy, beýlekileriň ruhuny göterjek bolardy. Ol şo mahallar 32—33 ýaşlaryndady, emma ýaşlygyna mahsus bolmadyk paýhasy bardy.

Ynha, indi şol wakalardan bäri 50 ýyl gowrak wagt geçipdir. Pikir aýlap otyryn welin, Pürliýew ýaly adamlara ýene 15—20 ýyl ömür sürmäge we işlemäge mümkinçilik beren bolsalar, onda olar halka, ýurda, gör, nähili uly peýdalar getirjek ekenler.

Hawa, ýanwar aýynyň 29-dy öýdýän, ony soňky gezek ýene-de soraga alyp gitdiler. Üç sagadrak-dan soň getirdiler. Soň oňa kän azar bermediler, emma Pürliýewde rahatlyk ýokdy. 1938-nji ýylyň fewral aýynyň başlanmagy bilen adamlaryň howsalasy has-da artyp başlady. Her kim gije ýarymdan soňky «ÇYKYŇ» diýlip berilýän buýrukda öz adynyň, familiýasynyň tutularyndan gorkýardy. Çünki indi äkidilýän adamlaryň atuwa gidýändiklerini, olaryň gaýdyp gelmejekdikleriki biz bilýärdik. Şol döwürde şeýle bir waka bolupdy. 16 ýaşly bir türkmen ýetginjegini 3—4 kilogram pagtany otlamakda

aýyplap, «üçlük» ony atuwa höküm edipdir. Aramyzda oturan şol oglana bu höküm aýdylanda, edil bir sagadyñ içinde onuň saçlary 70 ýaşly garrynyñky ýaly çuw-ak bolupdy. Bu ýagdaý bizi haýran etdi. Ýöne elimizden geljek zat ýokdy. Oglanjygy alyp gitdiler. Şol wakadan soñ, azda-kände bolan umydymyz has-da inçeldi.

«Bu zalymlyk nädip döredikä?» diýip, biri-birimizden sorardyk. Kä halatlarda «Stalin bir bu bolýan ýagdaýlary bilýärmikä?» diýerdik. Käwagtlaram bolsa «Belki, biziň döwletimiziň içinde haýsy-da bolsa bir agdarylyşyk bolandyr, biz bihabar galandyrys» diýip, pikkr ederdik. Paýhasymyzy jemläbem, belanyñ körüginiň şoldugy — Stalin syýasatydygy hakyndaky pikire gelerdik. Bu bolsa ýagdaýyň çykgynsyzdygy hakyndaky pikiri döredýärdi.

Fewral aýynyň 21-den 22-sine geçilýän gije Berkeli Pürliýew, Tagan Döwletow, Sary Seýidow, Esen Hangeldiýew... jemi 10—12 adamyñ adyny, familiýasyny tutup, «Çykyñ!» diýip, buýruk berdiler, Bu buýruk atuwa gidýäñiz diýleni bilen des-deňdi. Adaty şol buýrukdan soň berilýän ikinji buýruk «Gepleşmeli däl!» diýlen sözlerdi. İkinji buýuk berilse-de, Berkeli Pürliýew «Adamlar, hemmäñizi atyp tüketmezler. Eger biriňiz diri galsaňyzam öñünizden çykana bizi nähili ýok edendiklerine aýdyñ, döwletiň halkyň öñünde birjik-de günämizin ýokdugyny, halk duşmany däldigimizi aýdyň. Razy boluň, adamlar!» diýdi, Berkeliniñ şol aýdan sözleri meniñ gulagymda ebedilik galypdyr.

Şarkyldadyp ýapylan demir gapynyň aňyrsyna çykarylýan adamlar bilen nämeleriň bolup geçýänini soň aprel aýynda özümi gije sagat birlerde başga birnäçe adam bilen äkidenlerinde bilip galdym. Gapynyň añyrsyna geçen badyňa eliñi arkaňy gulplaýarlar, äňiñden we burnuñdan tutup agzyñy açýarlar-da, agzyña dyky dykýarlar, ol dyky çykmaz ýaly rezin dañy bilen ýeňsäňden daňýarlar.

Şondan soñ gara haltany depäňden aşaklygyna geýdirýärler-de, haltanyñ daşyndan, biliñden mäkäm daňýarlar. Soñra ýük maşynynyñ

ýanyna eltip, her gapdalyňdan birki adam tutup, maşynyñ üstüne oklap goýberýärler.

Maşyn Daşhowuzdan Tagta gidýän ýoluñ ep-esli bölegini geçensoñ gum içine sowlup, 10—15 kilometr aralykdaky ýörite saklawly ýere ýetende, eli ýaragly adamlar ýañky «günäkärleri» düşürýärler. İni 3—4 metr, boýy 6—10 metr, çuñlugy 3—4 çukuryñ, gyrasyna «günäkärleriň» birini getirip, haltany başyndan, dykyny agzyndan aýyrýarlar. Soňra NKVD işgärlerinden biri sekretaryň elinden şol «günäkäriň» işini alyp, familiýasyny, adyny, nirede we haçan doglanyny, näme işde işlänini we buýrugy okap, «Atyñ!» diýýär welin, jellatlar atyp goýberýärler. Adam pahyr eli dañylgy hem bolsa atylanda honda zyňylyp, soñundanam silkinip-silkinip giden ekeni. Öñüňdäki her bir adam atylanda tupeñ sesi yzdakylara-da eşidilip dur.

Meni hem çukuryň gyrasyna eltip, adymy familiýamy, doglan ýylymy okanlarynda hemmesi gabat geldi. Emma atylmaly adam Köneürgenjiň kolhozlarynyň biriniň brigadiri bolup, özem şol ýerde ýeneden bolan ekeni. Men bolsam Ýylanly raýonynyň Arap obasynda doglan, özumem magaryf işgäri. Men özümiň başga adamdygymy aýdýan welin, atmaga buýruk berýän oficer «ýalan sözleýäň!» diýýär-de, atmaga buýruk berjek bolýar. Şol wagt Božko atly sekretar ýigit, formulýarlar hem şonuň elinde, meniň hakykatdan hem olaryň diýýän adamsy däldigime şaýatlyk edensoň ynandylar. Men 1931 — 1932-nji ýyllarda GPU işgärlerini türkmen dilinden okadypdym, şolaryň arasynda ýanky Božko diýilýänem bardy. Meni atman yzyma alyp gaýtdylar. Bir aýlap bir adamlyk kamerada sakladylar. Özüme-de «Sen hiç zat göreñogam, hiç zat bileñogam, eger diliñi ýaraýsaň, soňuňa sogan ekeris» diýdiler. Meni bir aýdan soñ kamera gaýtaryp getirenlerde ol ýerdäki «myhmanlar» täze adamlardy.

Şu zatlary ýatlamagam, gürrüñ bermegem kyn indi biziñ üçin. Ýöne şol ýowuzlyklar, nähak pida bolanlaryñ towakgalary ýadyňa düşende özüñe agram salyp gürrüň bermeli bolýar» diýip Mäti aga aýdypdyr.

**************

«Türkmen azatlygy» kontrrewolýusion guramanyň Kalinin raýonyndaky bölümi» diýen galplaşdyrylan iş boýunça otuzdan gowrak adamy jezalandyrypdyrlar. Olaryň sekizisine — Tagan Döwletowa, Berkeli Pürliýewe, Esen Hangeldiýewe, Mädeli Molla Begjikowa, Abdyrahman Atamyradowa, Nusrat Aliskerowiç Farmanowa, Nury Berdiýewe, Sary Seýidowa atuw jezasyny beripdirler. Galanlaryny uzak möhletleýin tussaglyga höküm edipdirler. Olardan diňe dördüsi gaýdyp gelipdir.

Beýleki esassyz günä ýüňkelenenler bilen bir hatarda Berkeli Pürliýewi 1956-njy ýylda wepat bolandan soň akladylar. TKP MK-nyň býurosy 1988-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda bolan mejlisinde B. Pürliýewiň partiýalygy baradaky meselä seretdi hem-de partiýa hataryndan esassyz çykarylan B. Pürliýewi partiýa hataryna (ölenden soň) dikeltdi.

Taryhçy Robert Konvestiň hasaplamalaryna görä, 1938-nji ýylyň ahyrynda sowet türmelerinde we lagerlerinde 9 million adam saklanylypdyr. 1937-nji ýylyň ýanwaryndan 1938-nji ýylyň dekabry aralygynda 7 milliona golaý adam tussag edilipdir. İki ýylyň dowamynda 1 million adama atuw jezasy berilipdir. 1937—1939-njy ýyllarda 2 million töweregi adam tussaglykda heläk bolupdyr. 1938—1950-nji ýyllar içinde türmelerde we lagerlerde 12 million adam ýogalypdyr. Bu sanyň üstüne atuw jezasyna höküm edilen ýene 1 million adamy goşmaly.

Eýsem stalinizmiň pidasy diňe münläp-millionlap adamyň fiziki taýdan ýok edilmegimi? Ençeme nesilleriň aňynda ornan ruhy garyplyk näme? Biz häzir bir şol zatlardan doly saýlandykmykak?

Baryp 1936-njy ýyllarda «Pylany GPU-nyň, NKVD-niň agentimiş» diýen gürrüňler bolupdyr. Hawa, stalinizm birek-birege müňkür bolmakda, birek-biregi şugullamakda, birek-birekden duşman

**gözlemekde ýaşaýar. Adamlaryň birek-birege ynam bilen garamagy onuñ üçin ýat.**

**Ýaňy-ýaňylaram, durgunlyk ýyllary diýlen döwürde-de birek-birege ynamsyz garamak bilen meşgul bolmadykmy näme?**

**Hawa, biz şeýtdik. Mertebämiziň depelenjek bolan mahaly goldawy, goragy kanundan däl-de, güýçli şahsyýetden gözledik. Çünki kanunlar diñe kagyz ýüzünde ýaşady. Biz hukuk döwletini gurmaga, şahsyýeti goramaga gulluk etjek kanunlary düzmäge indi girişdik.**

**Stalinçilik terrory ýuwmarlap biljek güýç ýok. Biziňd borjumyz bolsa şeýle ýagdaýyň indi hiç haçan gaýtalaýamazlygyny gazanmak. Ol bolsa diňe biziň özümize bagly bolup durýar.**

***Nurmuhammet Kakabaýew***
***Sowet Edebiýaty 8/1990***
***(Makala gysgaldylyp alyndy)***

*************